HYH
NÄME?



Thomas Pizer/ICRC

Halkara ynsanperwerlik hukugy (HYH) – urşy alyp barmak serişdeleriniň we usullarynyň ulanylmagyny çäklendiriji kadalar ýygyndysydyr.

HYH harby hereketlere gatnaşmaýan ýa-da gatnaşmagyny bes eden taraplary goraýar.

HYH adam mertebesini goramaga we adamlaryň uruş döwründe çekýän jebrini ýeňilletmäge gönükdirilendir.

Başgaça aýdanyňda, HYH uruş hukugy ýa-da ýaragly çaknyşyklaryň hukugy diýip atlandyrylýar.

HYH
HAÇAN ulanylýar?



Ursula Meissner/ICRC

HYH iki ýagdaýda hereket edýär:

•Azyndan iki döwletiň gatnaşýan halkara ýaragly çaknyşyklarda;

•Bir ýurduň çäginde bolup geçýän ýaragly çaknyşyklarda (mysal üçin: hökümet goşuny bilen gozgalaňçylaryň arasynda).

Çaknyşygy kimiň başlandygyna garamazdan, HYH oňa gatnaşýan taraplaryň hemmesi babatynda ulanylýar.

HYH
NENEŇSI goraýar?



"Ženewa konwensiýalary biri-birimiz hakynda alada etmek borjumyz barada tutanýerlilik bilen ýatladýar..." Nelson Mandela.

·ýaralanan we hassa raýatlary ýa-da harby adamlary ýygnamalydyr we hiç bir hukuklar kemsidilmezden olaryň idegini üpjün etmelidir. Zenanlara hem çagalara hormat goýulmalydyr we olar islendik görnüşdäki kast edilmeden aýratyn goragly bolmalydyr.

·Çagalar we ýetginjekler aýratyn goragda bolmaly. 15 ýaşdan kiçi çagalary harby hereketlere toplamaly däldir ýa-da olaryň harby hereketlere gatnaşmagyna rugsat bermeli däldir.

·Uruş zerarly aýra düşen maşgala agzalary birleşmelidir. Adamlar atsyz-sorsuz ýiten garyndaşlarynyň ykbaly hakynda habarly bolmaga haklydyr.

HYH KIMI goraýar?



HYH harby hereketlere gatnaşmaýanlary ýa-da gatnaşmagyny bes edenleri goraýar:

•Raýatlary; lukmançylyk we ruhy harby işgärleri; ýaralananlary, gämi heläkçiligine uçranlary we kombatantlary; harby ýesirleri.

•Zenanlarda we çagalarda aýratyn isleginň bardygyny ykrar etmek bilen, HYH olara goşmaça goragy berýär.

RAÝATLAR



“Umumylykda raýat ilatynyň, şeýle-de aýry-aýry raýatlaryň üstüne hüjüm edilmeli däldir...” 51-nji madda 1-nji Goşmaça Teswirnama.

Uruş wagtynda esasy zarba köplenç raýatlaryň üstüne düşýär. Şu günki günde bütin dünýäde dowam edýän ýaragly jedelleriň pidalarynyň köpüsi raýatlardyr.

Ženewa hukugy – halkara we halkara däl ýaragly jedelleri wagtynda raýatlaryň goragyny gowulandyrmaga niýetlenen halkara şertnamalardyr. Gorag esasan hukuk ulgamynda raýatlar bilen kombatantlaryň arasynda anyk aýrybaşgalamak bilen amala aşyrylýar.



HALKARA YNSANPERWERLIK HUKUGYNYŇ ESASLARY

TÜRKMENISTANYŇ GYZYL ÝARYMAÝ MILLI JEMGYÝETI

TGÝMJ

Aşgabat ş., 2022 köç., 116/1, Tel.: 94-57-97